# Piskarýew gonamçylygynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Piskarýew gonamçylygynda PISKARÝEW GONAMÇYLYGYNDA

*(Bu gonamçylykda gahryman Leningrady goramaga gatnaşanlaryň 500 müňüsi hormat ukusynda ýatyr).*

Gün dogsa tegelek çörege meňzäp,
Nuruna garalyp döküler güller.
Bäş ýüz müň dis-diri ýürege meňzäp
Ýatanlara gelip baş eger iller.

Ýarym million arman,
Ýarym million ruh
Hormatyna siňip topragyň, halkyň
Ýatyr hereketden bolsa-da mahrum,
Diri ýüreklerde direler baky.

Bu ýerde mertligiň, mukaddesligiň,
Alamaty ýa-da nusgasy däl-de,
Özi ýalyn bolup çykýar giňlige,
Oňa başyn egýär gelen mähelle.

Watanyň söýgüsin jemläp bir ene
Sadyk perzentlerne mährem garap dur.
Hesretli günleriň ýowuz şemaly,
Henizlerem onuň saçyn darap dur.

Watany janyndan eziz görenler –
Mukaddes Ýerdäki bäş ýüz müň ýürek
Gelene ýatladýar:
– Dünýä bu günler
Rahatlyk gerek!
Rahatlyk gerek!

Abdyreşit TAŞOW. Goşgular